# Birleşen Milletler Guramasynyň Ilat gaznasy



*Türkmenistanda zenanlaryň we ýaşlaryň mümkinçiliklerini güýçlendirmek*

*Reproduktiw hukuklaryny hemmeler üçin üpjün etmek*

Her bir göwreliligiň islegli bolmagyny,
Her bir çaga dogluşynyň howpsuz bolmagyny, hem-de
Ähli ýaşlaryň öz mümkinçiliklerini doly derejede amala
aşyrmagyny üpjün edýän dünýäni emele getirýäris.

Birleşen Milletler Guramasynyň
Ilat gaznasy

# UNFPA barada global maglumat



”

UNFPA adamlary, adam hukuklaryny, olaryň abadançylygyny we mertebesini goramagy durnukly ösüş tagallalarymyzyň merkezinde goýmagy dowam etdirer.

**Dr. Natalia Kanem**
BMG-niň Ilat gaznasynyň ýerine ýetiriji direktory

## UNFPA resmi taýdan Birleşen Milletler Guramasynyň Ilat Gaznasy diýlip atlandyrylýar

UNFPA Birleşen Milletler guramasynyň reproduktiw saglygy we hukuklary boýunça agentligidir.

### BIZIŇ MAKSADYMYZ:

**Her bir göwreliligiň islegli bolmagyny,**

**Her bir çaga doglușynyň howpsuz bolmagyny, hem-de**

**Ähli ýaşlaryň öz mümkinçiliklerini doly derejede amala aşyrmagyny üpjün edýän Dünýäni emele getirmek.**





### UNFPA-NYŇ MAKSADY:

**2030-njy ýyla çenli reproduktiw saglygy hem-de reproduktiw hukuklaryboýunça ählumumy elýeterlilgi üpjün etmek. Bu maksada ýetmek üçin şu Üç Özgerdiji Netijäni amala aşyrmak möhümdir:**

**Maşgalany meýilleşdirmek üçin kanagatlandyrylmadyk zerurlygy aradan aýyrmak**

**Öňüni alyp bolýan enäniň ölümini aradan ayyrmak**

**Zenanlara we gyzlara garşy zorlugy hem-de zeper ýetiriji hereketleri aradan aýyrmak**

### ÖZGERDIJI ÜÇ NETIJÄ ÝETMEK WE HAS GOWY GELJEGI EMELE GETIRMEK ÜÇIN ÝOL KARTASY:



Ýörelge we jogapkärçilik

Ýokary hilli idegler we hyzmatlar

Gender we jemgyýet kadalary

Maglumat ulgamlary we subutnama

Ynsanperwerlik hereketi

Ýaşlar we ýetginjekler



Adam hukuklaryna esaslanýan we gender özgeriş boýunça çemeleşme

Innowasiýa we sanly ulgama geçiş

Hyzmatdaşlyklar, Günorta-Günorta üçburç hyzmatdaşlygy we maliýeleşdirme

Maglumat we subutnama

Hiçkimi ýatdan çykarmazlyk we ilki bilen iň alyslardakylara ýetmek

Durnuklylyk we uýgunlaşma, ösüşiň üstüni ýetirmek, ynsanperwer we parahatçylykly herket etmek boýunça tagallalar

**Hiç kimi ýatdan çykarmalyň**

# Global ösüş maksatlaryna ýetmek

## Ösüşi güýçlendirmek boýunça iki sany özara meýilnama

on ýedi sany Durnukly ösüş maksatlary (Durnukly ösüş sammitinden gelip çykan) bilen bir hatarda Ilat we ösüş boýunça halkara maslahatynda ylalaşylan Iş maksatnamasy - UNFPA-ny durmuşy gowulandyrmak, reproduktiw saglygyny we hukuklaryny goldamak, gender deňligini ösdürmek boýunça tagallalaryny durmuşa geçirmekde ugrukdyrýar.

## ILAT WE ÖSÜŞ BOÝUNÇA HALKARA MASLAHATY (ICPD)

1994-nji ýylda Kairde geçirilen Ilat we ösüş boýunça halkara maslahaty (ICPD) ilat we ösüş taryhynda, şeýle hem zenan hukuklarynyň taryhynda möhüm tapgyr boldy. Bu Maslahatda bütin dünýä, ilatyň diňe bir adamy sanamakdan ybarat däldigine, eýsem her bir adamyň ähmiýetli bolmagyny gazanmak barada ylalaşdy.

ICPD wekilleri zenanlaryň deňliginiň we ygtyýarlyklaryny güýçlendirmegiň global derejede ileri tutulýan ugurlaryň biridigi barada ylalaşyga geldiler. Bu mesele diňe bir ähلumumy adam hukuklary nukdaýnazaryndan däl-de, eýsem garyplygy ýok etmek we ilatyň köpelmegini durnuklaşdyrmak üçin möhüm ädim hökmünde hem çemeleşildi. Zenanyň reproduktiw saglygyndan we hukuklaryndan peýdalanmak mümkinçiligine eýe bolmagy, onuň ygtyýarlylygynyň özenidir. Bu, durnukly ösüşiň hem esasyny düzýär.

2019-njy ýyldaky Naýrobi sammiti Kairiň gün tertibiniň ilerlemegini üpjün etdi. Hökümetler, korporasiýalar, guramalar we şahsyýetler durnukly ösüş maksatlaryny ýerine ýetirmek üçin hem bellenen möhlet bolan 2030-njy ýyla çenli üç nola ýetmek (ýagny üç zady doly aradan aýyrmak) üçin 8 milliard dollardan gowrak harçlamany we 1300-den gowrak borçnamany ýerine ýetirmekligi wada berdiler: maşgala meýilnamalaşdyrylyşynda islenilmeýän göwreliligi aradan aýyrmak; enäniň ýogalmagynyň doly öňüni almak; jyns esasly zorlugy we zeper ýetiriji hereketleri aradan aýyrmak.

Naýrobi  sammitinde Türkmenistan hem 1994-nji ýyldan bäri gazanylan üstünlikleri belläp geçmek we aşakdaky ugurlar boýunça maliýe hem-de syýasy borçnamalary ýerine ýetirmekligi kabul etmek almak arkaly syýasy ygtyýaryny güýçlendirdi:

- reproduktiw saglygyna we enäniň saglygyny gowulandyrmaklyga umumy elýeterliligi gazanmak;
- ýetginjekleri reproduktiw saglygy barada toplumlaýyn okuw we maglumat bilen üpjün etmek boýunça işleri giňeltmek;
- gender deňligini öňe sürmek we gender esasly zorluklaryň öňüni almak üçin çäreleri geçirmek;
- ýetginjeklere we ýaşlara maýa goýmak arkaly demografiki diwidendini ulanmak;
- ykdysady ösüşi üpjün etmek we durnukly ösüşi gazanmak üçin ygtybarly maglumatlary peýdalanmak.





## DURNUKLY ÖSÜŞ MAKSATLARY (DÖM)

2015-nji ýylyň 25-nji sentýabrynda Türkmenistany öz içine almak bilen Birleşen Milletler Guramasynyň 193 agza döwleti geljekki 15 ýylda dünýäni özgertmegi maksat edinýän 17 maksatdan ybarat bolan Durnukly Ösüş Maksatlaryny biragyzdan kabul etdiler. Bu maksatlar garyplygy, kemsitmeleri, sütemleri we öňüni alyp boljak ölümleri aradan aýyrmaklyga, daşky gurşawa berilýän zyýanlara degişli meselelere garamaklyga we ähli adamlar üçin, hemme ýerde ösüş döwrüni başlatmaklyga gönükdirilen.

Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek üçin hyjuw gerek, we bu maksatlar ýurtlar, yklymlar, senagatlar we pudaklar boýunça ägirt uly tagallalary talap eder - ýöne şonda-da olara ýetmek mümkindir.

UNFPA hususan-da saglyk boýunça 3-nji maksat, gender deňligi boýunça 5-nji maksat, deňsizligi azaltmak boýunça 10-njy maksat, howa üýtgemegine garşy göreş boýunça 13-nji maksat, parahatçylykly we öz içine alyjy jemgyýetler üçin 16-njy maksat we durnukly ösüş babatynda hyzmatdaşlyk boýunça 17-nji maksat bolmak bilen bu maksatlaryň köpüsine ýetmek üçin gönüden-göni hökümetler, hyzmatdaşlar we BMG-niň beýleki guramalary bilen işleşýär we beýleki maksatlara ýetmek üçin hem dürli ugurlarda degişli işleri alyp barýar.



# UNFPA Türkmenistanda




## ESASY MAGLUMATLAR WE HAKYKATLAR:

**Orta derejeden ýokary girdejili ýurt**

5,85 million
**takmynan ilat sany**

Ilatyň
25%
**10 - 24 ýaş aralygyndaky ýaşlar**

58,4%
15-49 ýaş aralygynda zenanlar
**Zenanlara garşy zorlugy delillendirmek**

9,7%
**Maşgalany meýilleşdirmekde kanagatlanmadyk zerurlyk**

7
her 100,000 diri dogan çaga
**ene ölümçiligi**

Ýaş aýratynlygyna görä ilat, %






UNFPA Türkmenistanda zenanlar, gyzlar we erkekler, esasan hem ejiz adamlar saglyk durmuşyna, deň mümkinçiliklere we saýlamalara bolan hukuklaryny ulanar ýaly hökümet bilen 30 ýyl töweregi hyzmatdaşlygyny iň ýokary derejede dowam etdirýär.

UNFPA häzirki meýilnamasy 2021-2025-nji ýyllar üçin tassyklanan bäş ýyllyk ýurt maksatnamalarynyň üstünde işleýär, we öň bolşy ýaly hökümet tarapyndan bilelikde maliýeleşdirilýär. Häzirki ýetilen netijelere esaslanyp, Ýurt maksatnamasy 2030-njy ýyldaky gün tertibine laýyklykda üç esasy ugura gönükdirilýär:

## Reproduktiw saglygy we hukuklary

UNFPA her bir göwreliligiň arzylanan, her bir çaga dogurmagyň howpsuz bolmagyny we her bir ýaş adamyň mümkinçilikleriniň amala aşyrylmagyny üpjün etmek üçin işlär. Bu maksatlara, ýokary derejeli, hemme taraplaýyn we elýeterli reproduktiw saglygy boýunça hyzmatlary goldamak arkaly we iň uzakdakylara hem ýetmek üçin maşgala meýilnamalaşdyrylyşyna maýa goýumlary artdyrmak hem-de saglygy dolandyrmak üçin jogapkärçilik mehanizmlerini güýçlendirmek arkaly ýetiler.

## Gender deňligi

Bu, döwlet edaralary we raýat jemgyýeti bilen işleşmek arkaly zenanlaryň we ýetginjekleriň akyl ýetirip saýlamagy we zorlukdan goralmagy üçin giňişleýin ulgamlary hem-de mehanizmleri döretmek, erkekleri we oglanlary çekmek bilen oňyn jemgyýet kadalaryny öňe sürmek arkaly amala aşyrylar.

## Ösüş üçin ygtybarly maglumatlar

Ilatyň dinamikasy babatyndaky bu hyzmatdaşlyk, 2022-nji ýyldaky Ilat we ýaşaýyş ýazuwyny öz içine almak bilen ilat boýunça ygtybarly maglumatlaryň elýeterliligini we döredilmegini üpjün etmek üçin, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek üçin ilat we ösüş seljermesini meýilleşdiriş we syýasat kararlaryna goşmaklyga goldaw berer.

## Ýaşlar boýunça ösüş

Ýaşlaryň abadançylygy, ösüşi, mümkinçilikleriniň ýokarlandyrylmagy we olaryň gatnaşmagy şu üç esasy ugurlarda kesişer.

UNFPA 2022-nji ýyldaky ilat ýazuwyny geçirmekde, 2020--2030-njy ýyllar üçin reproduktiw saglygy, enäniň, täze doglan çaganyň we ýetginjekleriň saglygy baradaky milli strategiýany durmuşa geçirmekde, maşgala abadançylygyna, gender esasly zorlugyň öňüni almaklyga gönükdirilen 2021-2025-nji ýyllar aralygyndaky gender deňligi boýunça milli iş meýilnamasynda, ýaşlar syýasaty boýunça döwlet maksatnamasy hem-de beýlekiler babatynda hökümete syýasaty wagyz etmek, mümkinçilikleri ýokarlandyrmak we bilimleri dolandyrmak goldawyny berer.

Birleşen Milletler Guramasynyň ýurduň tebigy betbagtçylyklaryň howpuny azaltmak we daşky sarsgynlary ýeňip geçmek ugrundaky tagallalaryna goldaw ulgamynyň bir bölegi hökmünde UNFPA hökümet bilen adatdan daşary ýagdaýlara taýýarlyk görmek, global pandemiýalary we krizisleri gowşatmak, uýgunlaşmak, öňüni almak we garşy göreşmek boýunça degişli işleri alyp barar.

UNFPA ýurt maksatnamasy, Türkmenistanyň Hökümeti bilen Birleşen Milletler Guramasynyň 2025-nji ýyla çenli Durnukly ösüş ugrunda hyzmatdaşlyk boýunça täze çarçuwaly maksatnamasyna goşant goşup, milli ösüş maksatnamasyna doly laýyk gelýär.

# UNFPA 2021-2025 ýyllar üçin ýurt boýunça maksatnamasy Merýemiň durmuşynyň mysaly bilen

**Durnukly ösüş Merýem ýaly ýetginjek gyzyň hukuklaryndan we saýlamalaryndan başlaýar.**

UNFPA ýurt maksatnamasy dürli sosial-ykdysady, medeni we geografiki şertlerden çykan aýal-gyzlaryň isleglerini kanagatlandyrmaga niýetlenendir. Haçan-da bir gyz öz hukuklaryny amala aşyryp, sagdyn bolup, okuwyny tamamlap we öz durmuşy babatynda esaslandyrylan karar berip bilse, ähli maşgalalaryň we jemgyýetleriň saglygyna we öndürijiligine goşant goşýar we geljekki nesilleriň geljegini abadanlaşdyrýar.

Merýem ýaly gyzlaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini durmuşa geçirmäge nädip kömek edip bileris? Onuň sesiniň eşidilmegini we zerurlyklarynyň ösüş maksatnamalarynda görkezilmegini we şöhlelenmegini üpjün etmeli. Bu, onuň alýan biliminiň hiline, şol sanda reproduktiw saglyk hakynda bilimine we has soňky durmuşynda, ýokary öndürijilik saglygy we maşgalany meýilleşdiriş hyzmatlaryna we önümlerine elýeterliligine, şeýle hem ýurtda ýaşlar syýasatyna we bar bolan ýaşlar üçin hyzmatlaryna bagly bolup durýar. Onuň durmuşy zorluksyz, mertebeli, deňlikde we hormatda geçmeli we arzuwlaryny durmuşa geçirmäge mümkinçilikli bolmaly. Merýemiň klasdaşlary ýaly oglanlar  oňa degişli durmuş kadalaryny we gender deňligini wagyz etmekde işjeň gatnaşmalydyr.

Bu Merýemiň arzuwy. UNFPA-nyň bolsa Türkmenistandaky ähli gyzlar babatynda göz ýetirişidir.

*Salam! Meniň adym Merýem, men eýýam 12 ýaşymda.*



Bu meniň maşgalam – meniň ejem inžener, kakam lukman, meniň oglan doganym yakynda mekdebi tamamlaýar. Ol internet saýtlary işläp düzüji bolasy gelýär.

Men ylgamagy, gurmagy we meselelere çözgüt tapmagy gowy görýän.

Meniň uly arzuwym ulalamda biomediki inžener bolmak.

Meniň joralarym sen gyz ahyryn diýip üstümden güldiler, we meniň arzuwuma bolan höwesimi gaçyrdylar.

Emma kakam meniň arzuwymy halas etdi!

**Kakam maňa: "Arzuwlaryňa ýetjek bol, hemme zat mümkindir!" diydi.**





**Ine, BU meniň arzuwym.**

We BU UNFPA tarapyndan 2030-njy ýyla çenli meniň ýaly her bir gyz üçin isleýän geljegi.



# Reproduktiw saglyk we reproduktiw hukuklar




**95**
**Ýurt boýunça reproduktiw saglyk otaglary**
Howp topara degişli zenanlar göwreli bolmakdan goraýan serişdeleri mugt alýarlar

**47 %**
**5-49 ýaş aralygyndaky zenanlar göwreli bolmakdan goraýan häzirki zaman usullaryny ulanýarlar**

**22**
**Ýetginjeklik döwrindäki çaga dogluşyň görkezijisi**
ýylyň dowamynda 15-19 ýaşly
1 000 gyzlaryň arasynda düşýän çaga dogluş

**7**
her 100,000 diri dogan çaga
**ene ölümçiligi**

**3.0**
her bir aýala
**çaga dogluş görkezijisi**

**9,7%**
**Maşgalany meýilleşdirmekde kanagatlanmadyk zerurlyk**

Maşgalany meýilleşdirmekde kanagatlanmadyk zerurlyk-göwreliligiň öňüni almak ýa-da soňa goýmak isleýän, ýöne durmuş ýa-da ykdysady päsgelçilikler sebäpli göwreliligiň öňüni almagyň häzirki zaman usullaryny ulanmaýan zenanlaryň göterimi. Maşgalany meýilleşdirmegiň kanagatlanmadyk zerurlyklaryny kanagatlandyrmak bu ilatyň saglygyny berkidýär, saglyk ulgamynyň netijeliligini ýokarlandyrar we ykdysadyýeti güýçlendirmegine ýardam berýär.

*Çeşme: Türkmenistanyň Döwlet statistika komiteti we UNICEF. 2020. 2019 Türkmenistanyň käbir görkezijileri boýunça barlagy (MICS 2019). Barlagyň netijeleri boýunça hasabat. Aşgabat, Türkmenistan: Türkmenistanyň Döwlet statistika komiteti we UNICEF.*



UNFPA her bir aýalyň çaga dogurmak hukugyny üpjün etmek bilen haçan we näçe çaga dogurjakdygyny hut özüniň kesgitlemegi babatynda we göwreliligiň howpsyz bomagynda Türkmenistanyň yzygiderli edýän tagallalaryny goldaýar.

UNFPA enelere, ýaňy doglan çagalara we ýetginjeklere has gowy hyzmatlary bermek üçin saglyk ulgamyny güýçlendirmekde Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligine (TSGDSM) goldaw bermegini dowam edýär. UNFPA, UNICEF we BSGG bilen bilelikde, 2021-2025-nji ýyl aralygy "Sagdyn ene - sagdyn çaga - sagdyn gelejek" atly milli strategiýasyny durmuşa geçirmekde milli saglyk ulgamyna goldaw berýär.

Türkmenistandaky UNFPA –nyň wekilhanasy reproduktiw saglygyna ähliumumy elýeterliligiň ösüşini çaltlaşdyrmak üçin Hökümet bilen işleşmegini dowam edýä. UNFPA, 2020-nji ýylda maşgalany meýilleşdirmege beriljek maýa goýumlaryň ykdysady netijeliligini subut edýän taslamasyna esaslanyp, maşgalany meýilleşdirmek üçin ýeterlik serişdeleri üpjün etmek üçin saglygy goraýyş maliýeleşdiriş usullaryny gowulandyrmak üçin goldaw berer. TSGweDSM-i islenmedik göwreliligiň öňüni alyş serişdelerini satyn almak üçin býujetiň çeşmesini kesgitleýän we munuň üçin býujet maddasyny üpjün edýan döwri, UNFPA TSGweDSM-e kanagatlanmadyk zerurlyklary hasam azaltmakda geçirilýän işleri çaltlaşdyrmak maksady bilen, Türkmenistanyň döwlet býujetinden maliýeleşdirilýän iň oňat bahaly önümleri hödürlemekde ýardam bermegini dowam eder.

2021-2025-nji ýyllar aralygyndaky bäşinji Ýurt Maksatnamasynyň çäklerinde, UNFPA aýallar üçin meýletin maşgala meýilnamalaşdyryş hyzmatlarynyň elýeter bolmaklygy üçin päsgel berýän durmuş kadalary kesgitlemek we çözmek ugrunda hem iş alyp barar. UNFPA maşgala lukmanlary, akuşerler we şepagat uýalaryň üsti bilen, maşgalany meýilleşdiriş hyzmatlaryny hasda giňeltmek we elýeterli etmek üçin TSGweDSM-ne ýardam berer. UNFPA, saglygy goraýyşy maliýeleşdiriş usullaryny gowulandyrmak we uzakda ýaşaýan zenanlar we maýyplygy bolan aýallar üçin hyzmatlaryň elýeterliligini ýokarlandyrmak arkaly ilki bilen kömege mätäç toparlaryň saglygyny goramak arkaly enäniň ölümçiligini pes derejede saklamakda we ýok etmekde Saglygy goraýyş ministrliginiň tagallalaryna goldaw berer.

UNFPA ýatgynyň we süýt mäzleriniň howply çiş zerarly ölümi azaltmakda has netijeli ir tapgyrlarda barlag usullary boýunça, bejergi we sanly usulda hasaba almakdagoldaw bermegi dowam eder.

UNFPA şeýle hem ýetginjekler üçin saglyk babatynda berilýän hyzmatlary has hoşniýetli (elýeterli, amatly, ygtybarly) etmek üçin TSGweDSM-e goldaw bermegi dowam eder. Bu maksat bilen, UNFPA Aşgabatda we ýurt boýunça synag meýdançalarynda ýetginjekleriň saglyk hyzmatlarynyň hiliniň ýokarlanmagyna ýardam berer.

BMG-nyň Ilat gaznasy döwlet maliýe harajatlarynyň hasabyna lukmançylyk mekdepleriniň göbek enelik boýunça bilim bermeginde, göbek eneleriň iş orunlarynyň sanyny kadalaşdyrmakda, dogrum bölümleriniň döwrebap enjamlaşdyrmakda we kontraseptiw serişdeleri bilen üpjin etmeginde ýardam berer.

## ESASY HYZMATDAŞLAR

**Milli Hyzmatdaşlar:** Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty Ministrligi, Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş milli merkezi, Türkmenistanyň Döwlet Lukmançylyk Uniwersiteti, Lukmançylyk mekdepleri, Başdermanhana birleşigi, Lukmançylyk enjamlary birleşigi, Türkmenistanyň maliýe we ykdysadyýet ministrligi.

**BMG hyzmatdaşlary:** UNFPA-nyň satyn almak hyzmatlary şahamçasy, BSGG, UNICEF.

**Başga hyzmatdaşlar:** Hytaý Halk Respublikasy, Beýik Britaniýanyň Hökümeti, Ýewropa Bileleşigi, Pfizer, Gedeon Rihter, Hoffmann-La Roche, Moskwa we Sankt-Peterburg şäherlerindäki reproduktiw saglyk edaralary.

**Hökümet UNFPA bilen bilelikde geçiren ylmy- barlag işine laýyklykda, aýallar we gyzlar üçin maşgalany meýilleşdiriş usularyny saýlamakda mümkinçilikleriň giňeltmegi Türkmenistana 87 mln. abş dollar möçberini tygşytlar diýip aýdylýar**

Meýletin maşgalany meýilleşdirmek aýal-gyzlara, maşgalalara, jemgyýetlere we ýurtlara özgerdiji haýyry getirýär. Maşgalany meýilleşdirmek üçin maýa goýum – bu ösüş üçin “amatly satyn alyş” bolup, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmegi çaltlaşdyryp biler. Maşgalany meýilleşdirmek we reproduktiw saglyk üçin ähliumumy elýeterlilik bolmadyk ýagdaýynda, beýleki çäreleriň täsiri we netijeliligi az, has gymmat we ýetmek üçin has köp wagty talap eder.

Türkmenistanyň Hökümeti UNFPA-nyň goldawy bilen, 2030-njy ýyla çenli maşgalany meýilleşdirmek üçin kanagatlanmadyk zerurlygy ýok etmek üçin çykdajylary kesgitlemek maksady bilen Maýa goýum taslamasyny taýýarlady. Bütindünýä ilat gününiň öňüsyrasynda teklip edilen bu barlag işi, Durnukly ösüş maksatlarynyň wajyplaryň biri bolan Türkmenistanda reproduktiw saglygyna ähliumumy elýeterliligi ösdürmek üçin maşgalany meýilleşdirmek üçin goşmaça 11 mln. ABŞ dollary gerek boljakdygyny ýüze çykardy.

2019-nji ýylda Naýrobide kabul edilen borçnamalara laýyklykda, Türkmenistan UNFPA tarapyndan Jon Hopkins uniwersiteti, Wiktoriýa uniwersiteti we Waşington uniwersiteti, şeýle hem Avenir Health Instituty bilen hyzmatdaşlykda global derejeli işläp düzülen usulyýeti ulanmak bilen gözleg işine başlady

UNFPA-nyň Gündogar Ýewropa we Merkezi Aziýa boýunça sebit direktorynyň orunbasary hanym Julia Walleze: “UNFPA Türkmenistanyň hökümetini Naýrobidaky borçnamalaryna ygrarlydygy we 2030-njy ýyla çenli Türkmenistanda maşgalany meýilleşdirmekde kanagatlanmadyk zerurlyklary aradan aýyrmak meselesini çözmek üçin maýa goýum gözleg işiniň geçirendigi üçin gutlaýar”- diýip belledi. Maglumatlara laýyklykda, maşgalany meýilleşdirmek üçin sarp edilýän her bir dollaryň, aýal-gyzlaryň sagdyn we öndürijilikli durmuşda ýaşamagyna mümkinçilik bermekden başga-da, geljek dokuz ýylyň içinde jemgyýetçilik saglygy goraýyş ulgamy üçin 7,8 dollardan gowrak girdeji gazanjakdygyny görkezýär”.

“UNFPA hökümet bilen ähli aýal-gyzlaryň we durmuş guran maşgalalaryň, şol sanda kömege mätäç zenanlaryň hem maşgala meýilleşdirmekdäki zerurlyklaryny öz içine alýan reproduktiw saglygy üçin ähliumumy elýeterlilige ýetmek üçin ösüşi çaltlaşdyrmak üçin işini dowam eder” – diýip, hanym Walleze belledi.

**Maksat: 2030-njy ýyla çenli maşgalany meýilleşdirmek üçin kanagatlanmadyk zerurlygy 9,7%-den 3,5%-e çenli azaltmak**

Jemi 11,1 mln ABŞ dollary möçberindäki maýa goýum şu netijelere elter berer:

**$87.5 mln**
öňüni alnan ýagdaýlaryň hasabyna saglygy goraýyş ulgamyndaky tygşytlama

**22,500**
Öňi alnan we saglyk üçin howply bolan abortlar

**681,100**
Öňi alnan meýilleşdirilmedik göwrelilik

Islenmedik göwreliligiň öňüni alyş serişdelerini mugt alyp bilýän we köp usullardan saýlap bilýänaýallaryň köpelmegi

Enäniň ölümçiliginiň we gaýra üzülmekleriniň öňüni almak

Has sagdyn aýal-gyzlar, maşgalalar we netijeli jemgyýet



## *Reproduktuw hukuklary – bu durmuşda erkin saýlaw etmekdir*



| | | |
|---|---|---|
| *Kime we haçan öýlenmegi (durmuşa çykmagy) erkin saýlamak* | *Näçe çaga isleýändigiňizi özüňiz çözüň* | *Haçan çaga dogurmagy özüňiz çözüň* |

| | |
|---|---|
| *Oýlanşykly saýlawlary etmek üçin maglumatlaryň elýeterligi* | *Saglyga degişli ýokary hilli saglyk hyzmatlary* |

### Reproduktiw hukuklary erkin durmuş saýlawlaryny amal etmekdir

Merýeme ulalansoň näçe çagasynyň boljakdygy soralanda, “Iki çaga - bir oglan, bir gyz” diýip jykyrdady. Synpdaky beýleki on iki ýaşly gyzlardan tapawutlylykda, Merýem durmuş maksadyna ynamly garap, ol bir gün Lukmançylyk uniwersitetiniň biotehnika fakultetine girjekdigini bilýär. Maşgala gurma we çagalar hakda soralanda Merýem utanýan hem bolsa, ol bir gün dogany Jeren ýaly bagtly we sagdyn maşgala gurmagy umyt edýär.

Türkmenistanyň Milli Reproduktiw Saglyk Merkeziniň müdiri, lukman Akjemal Durdyýewa: "Sagdyn maşgalalar sagdyn ýetginjeklikden başlaýar" diýip belledi. "Täze milli strategiýa bolan Sagdyn Ene - Sagdyn Çaga - Sagdyn Geljek 2021-2025-nji ýyllar aralygynda ýetginjekleriň we ýaşlaryň isleglerini ileri tutup, ýurtda ýetginjekleriň reproduktiw saglyk hyzmatlarynyň gowulaşmagyna ýol açar."

Dogrudanam, reproduktiw saglyk idegine mümkin bolduça ir başlanmaly. Oňa ýetginjekleriň reproduktiw saglygy barada giňişleýin bilim bermek bilen girişmeli. Irki ýetginjeklik, öz saglygy barada jogapkärçilikli bolmak, zorluksyz birek-birege hormat esasynda sagdyn gatnaşyk gurmak, bilim we başarnyk edinmek üçin dogry pursatdyr. Bu başarnyklar çagalykdan kämillige sagdyn geçiş üçin möhümdir.

Jeren, Merýem bilen reproduktiw saglygy we gender deňligi meseleleri boýunça aýratyn gürrüňdeşlik geçirýär. “Käşgä bu mowzuklar ýetginjeklik döwrümde mekdepde öwredilsedi we ene-atam özgerýän bedenim, hukuklarym we mende bolup geçýän alamatlar hakda has köp aýdyp bersediler. Kellämde has köp maglumat we elimde özüme mahsus başarnyklarym bolsady, adamyma doly garaşly bolmazdan saglygym we maşgalamyň saglygy hakda akylly we göwnejaý çözgütler özüm edip bilerdim" diýip, durmuşa çykyp, ikinji çagasyna garaşýan Jeren gürrüň berýär.

BMG-nyň Ilat Gaznasy, Jeren ýaly her bir zenanyň reproduktiw hukuklaryny berjaý etmek, howpsuz göwrelilik we çaga dogurmak hukugyny durmuşa geçirmegini üpjün etmek üçin Türkmenistanyň saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi bilen ýakyndan işleşýär. 1997-nji ýylda BMG-nyň Ilat Gaznasynyň goldawy bilen ýola goýulan häzirki wagtda tutuş ýurt boýunça 95 sany reproduktiw saglyk otaglary aýal-gyzlara maşgala meýilleşdirme we beýleki reproduktiw saglyk hyzmatlary boýunça duýgur we takyk maslahat berýär.

# Gender deňligi



**Türkmenistan 1997-nji ýylda Aýallar babatda kemsidilmeleriň ähli görnüşlerini ýok etmek hakynda Konwensiýany, 2009-njy ýylda bolsa, onuň fakultatiw beýanyny tassyklady.**

**Häzirlikçe**
**42,2%** aýallar 15-49

**şahsy habarly çözgütlerini kabul etmek: jynsy gatnaşyklar, göwrelilikden gorag serişdelerini ulanmak we nesil saglygy hakynda alada etmek.**

**Türkmenistan gender deňligine degişli bolan Durnukly ösüş maksatlaryndaky 5-nji maksada laýyk gelýän ähli görkezijileri millileşdirdi.**

**58,4%** aýallar 15-49

**aýallara garşy zorlugy makullaýar**

*Çeşme: Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti we Ýunisef. 2020. 2019. Türkmenistanyň köpgörkezijili klaster barlagy (MICS 2019). Pikir soraşmalaryň netijeleri hakynda hasabat. Aşgabat, Türkmenistan: Statistika baradaky döwlet komiteti we UNICEF.*



Gender deňligi durnukly ösüş bilen içgin baglanyşyklydyr we hemmeler babatda adam hukuklarynyň durmuşa geçirilmegi üçin möhümdir. Gender deňliginiň baş maksady, aýallaryň we erkekleriň durmuşyň ähli ugurlarynda deň mümkinçiliklerden, hukuklardan we borçlardan peýdalanýan jemgyýetdir.

UNFPA eýýäm üç onýyllygyň dowamynda aýal-gyzlaryň ygtyýarlyklaryny ýokarlandyrmakda we gender deňligini ösdürmekde Türkmenistan Hökümetiniň strategiki hyzmatdaşy bolup durýar. UNFPA-nyň Türkmenistanda gender deňligini ilerletmek syýasaty öz içine Türkmenistanyň milli adam hukuklary ulgamynyň tassyklanan halkara adam hukuklary şertnamalarynyň we konwensiýalarynyň bir bölegi hökmünde öz borçnamalaryny ýerine ýetirmekde goldaw bermekligi alýar.

UNFPA bäşinji ýurt meýilnamasynyň ileri tutulýan ugurlaryna laýyklykda, bilermenlik goldawyny berip biljek ugurlarynda Gender deňligi boýunça hereketleriň milli meýilnamasynyň durmuşa geçirilmegine goldaw berer.

UNFPA şeýle hem gender-duýgur syýasat we gender meseleleri ulgamynda syýasatşynaslaryň hem-de döwlet gullukçylarynyň mümkinçiliklerini, şeýle hem gender deňligi meselelerini çözmegiň usullary babatda milli edaralaryň we hünärmenleriň mümkinçiliklerini ösdürer.

Gender deňligi boýunça maksatnama aýallara we ýetginjeklere aň-düşünjeli saýlaw etmäge we zorlukdan goragly bolmaga, şeýle hem jemgyýetde oňyn durmuş kadalaryny öňe sürmäge mümkinçilik berýän toplumlaýyn ulgamy we gurallary döretmek boýunça döwlet edaralary bilen işleşmekde jemlener.

## ESASY HYZMATDAŞLAR

**Milli hyzmatdaşlar:** Türkmenistanyň Milli Geňeşi, Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti, Adam hukuklary boýunça ygtyýarlandyrylan wekiliň edarasy, Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa instituty, Türkmenistanyň Zenanlar guramasy, häkimlikler.

**Beýleki hyzmatdaşlar:** Beýik Britaniýanyň Hökümeti, Durnukly ösüş maksatlary gaznasy, Adam howpsuzlygy boýunça BMG-niň maksatlaýyn gaznasy, Ýewropa Bileleşigi.

## Gender deňligini öňe sürmek we gender zorlugyny bes etmek boýunça hyzmatdaşlyk

Aýallar we gyzlar babatda zorluk dünýäde adam hukuklarynyň bozulmagynyň iň köp ýaýran görnüşleriniň biridir. Bu hukuk bozulmalarynyň durmuş, ykdysady ýa-da milli çäkleri ýok. Tutuş dünýäde her üçünji aýal ömrüniň dowamynda fiziki ýa-da jynsy zorluga sezewar edildi.

UNFPA Hökümet bilen hyzmatdaşlykda saglygy goraýyş, içeri işler we durmuş gulluklary üçin gender zorlugyna garşy hereket etmek boýunça köpugurly ulgamy döredýär.

UNFPA-nyň Beýik Britaniýa tarapyndan maliýeleşdirilýän Merkezi Aziýa üçin sebit taslamasy Gazagystanda, Gyrgyzystanda, Täjigistanda, Türkmenistanda we Özbegistanda Hökümetiň gender zorlugynyň öňüni almak we oňa garşy göreşmek tagallalaryny goldady. Taslamanyň çäginde standart dessin çäreleri, beýanlary we üç ugur üçin okuw bukjalaryny işläp düzmekde we herekete girizmekde anyk goldaw berildi. Ejiz toparlaryň, şol sanda mümkinçiligi çäkli aýallaryň aýratyn zerurlyklaryny utgaşdyrmaga aýratyn üns berilýär.

Beýik Britaniýa bilen hyzmatdaşlyk şeýle hem COVID-19, reproduktiw saglyk we gender zorlugy boýunça dessin soragjogap ulgamyny döretmeklige badalga berdi. Hyzmatdaşlygyň netijesinde ýerli jemagatlaryň derejesinde aýallara we gyzlara gaýragoýulmasyz ýagdaýda goldaw berildi, şeýle hem BMG-niň hem-de Hökümetiň Bilelikdäki maksatnamasynyň çäklerinde alnan goldawyň netijesinde Aşgabat we Türkmenabat şäherlerinde işler dowam etdirilýär.

**Gender zorlugyna garşy göreşmekde köpugury hereket we utgaşdyrylan çemeleşme**

Gender zorlugy meselesini çözmek üçin köpugurly jogap çäreleri zerur, başgaça aýdylanda, birnäçe esasy ulgamlary, şol sanda polisiýa, hukuk we adalat ulgamyny, durmuş gulluklaryny we saglygy goraýyş ulgamlaryny birleşdirýän bilelikdäki we utgaşdyrylan jogap çäreleri zerur.
Gender zorlugyna garşy köpugurly jogap çäresi netijeli, gaýragoýulmasyz we yzygiderli hyzmatlar torunyň üsti bilen pidalaryň goldaw derejesiniň ýokarlanmagyna getirýär. Munuň özi uzakmöhletleýin hem-de durnukly üýtgetmelere getirýär, gender deňligi asla ýol berilmesiz institutsional we jemgyýetçilik medeniýetini döretmäge ýardam edýär.






*Gender deňligi ähli maşgalalaryň we jemgyýetleriň saglygyna we öndürijiligine goşant goşup, geljekki nesli ykjam taýýarlaýar.*



## #ErkeklerHem kampaniýasy erkekleri oňyn gender amallaryny öňe sürmäge höweslendirýär.

Gender deňligine ýetmek, jemgyýetiň ähli tapgyrlarynda erkekleriň we zenanlaryň durmuşynda üýtgeşmeleri talap edýär. UNFPA dünýädäki erkekler we oglanlar bilen gender deňligini öňe sürmek we zorlugy bes etmek üçin bilelikde iş alyp barýar. Türkmenistanda UNFPA erkekleri we oglanlary oňyn gender tejribesini öňe sürmek üçin #ErkeklerHem kampaniýasyny başlady.

Kampaniýanyň işjeň gatnaşyjylaryndan Maksat Geldiýew: "Meniň ýoldaşym žurnalist we onuň ýazgylarynyň iň uly muşdagy men diýip çaklaýan" diýdi. "Onuň işi deň derejede möhüm we manyly. Aýalym maňa has uly gadamlar üçin ylham berýär we onuň üstünlikleri meniň ähli işlerimde şamçyrag bolýar."

Öý işleriniň deň paýlaşylmagy, iş ýerlerinde maşgalalylar üçin oňaýly syýasaty ulanmak aýal-gyzlara bilim almaga, kärini dowam etdirmäge we ýaşaýan jemgyýetleriniň sosial-ykdysady ösüşine goşant goşmaga mümkinçilik berýär.

Maksat ýoldaşynyň karýerasyny goldaýar we gyzynyň durmuşyna doly we höwes bilen gatnaşýar. "Gyzym Ogulşeker maňa güýç berýän we meni has gowy kaka bolmaga ruhlandyrýan bagtyň çyrasy" diýip, Maksat buýsançly belleýär.

MICS 2019 gözlegine görä, Türkmenistanda kakalaryň diňe 13%-i çagalary bilen peýdaly wagt geçirýärler. Erkekleri kaka we ýan ýoldaş hökmünde dahylly etmek enäniň we çaganyň saglygynyň dikelmegine, zenanlara garşy zorlugyň azalmagyna, şeýle-de ogul-gyzlara ömürlik oňyn täsir getirip biler. Maşgala erkekleriň terbiýeçi hökmünde gatnaşmagy olaryň göreldeli ata bolup çykyş etmegine ýardam etse, beýleki tarapdan durmuş derejesini ýokarlandyrýar.

**Gender deňligi hemmeler üçin bähbitli.**

## Gender zorlugynyň we islenilmeýän göwreliligiň öňüni almak maksady bilen aýallar we gyzlar üçin durmuş hyzmatlary ulgamyny özgertmek

Türkmenistanda bar bolan durmuş hyzmatlaryny hödürlemek ulgamyna özgertmeleri girizmeklik BMG bilen Hökümetiň Bilelikdäki «Jemgyýetleriň derejesinde ýokary hilli inklýuziw durmuş hyzmatlaryny ornaşdyrmagyň hasabyna durmuş goraglylygy ulgamyny gowulandyrmak» maksatnamasyny maksady boldy. DÖM gaznasy tarapyndan maliýeleşdirilýän bilelikdäki maksatnama BMG-niň hyzmatdaş agentlikleri, hususan-da, UNICEF, UNFPA, BMGÖM, BMGNJM we Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan durmuşa geçirildi.

Bilelikdäki maksatnama ilatyň ejiz toparlarynyň ählisiniň jemgyýetleriň derejesinde ýokary hünär taýýarlykly sosial işgärler we olaryň şahsy zerurlyklaryny kanagatlandyrmak we olaryň durmuşa goşulmagyny üpjün etmek üçin hünär taýýarlykly durmuş hyzmatlaryny üpjün edijiler tarapyndan hödürlenilýän ýokary hilli durmuş hyzmatlaryna elýeterli bolmagyny gazanmaga gönükdirilendir.

Sosial taýdan utgaşyklylyk — bu şonuň kömegi bilen deň mümkinçilikleri üpjün etmek, gelip çykyşyna garamazdan, her bir adamyň öz durmuş mümkinçiliklerini dolulygyna durmuşa geçirip bilmegi üçin tagallalar edilýän hadysadyr. Bu hilli tagallalar hyzmatlar we serişdelere deň elýeterlilige ýardam edýän, şeýle hem raýatlara öz durmuşyna dahylly çözgütleri kabul etmek işine gatnaşmagyna mümkinçilik berýän syýasaty we hereketleri öz içine alýar.

Durmuş we ykdysady kynçylyklaryna duçar bolmak mümkinçiligi bolanlar kimler: olar mümkinçiligi çäkli adamlar, dogabitdi keselli adamlar, çagalar, öý şertlerinde ideg edilmegine we bejergi almaga mätäçler,

**UNFPA-nyň wezipesi**

Durnukly ösüş maksatlaryna laýyk gelýän ýokary hilli jemgyýetçilik hyzmatlarynyň özgerdilen we döwrebaplaşdyrylan milli nusgasyny döretmek üçin UNFPA sosial hyzmatlar üçin kanunçylyk we kadalaşdyryjy-hukuk binýadynyň gözden geçirilmegini goldady.

Meýilleşdirilmedik göwreliligiň we maşgaladaky zorlugyň öňüni almak üçin Aşgabat we Türkmenabat şäherlerinde iki sany jemgyýetçilik derejesinde ýöriteleşdirilen sosial hyzmat girizildi. 2021-nji ýylda bu täze ýöriteleşdirilen sosial hyzmatlary synagdan geçirip başlan "Beýik Eýýam" we "Keýik Okara" jemgyýetçilik guramalary UNFPA-nyň hyzmatdaşlarydyr. Ýöriteleşdirilen sosial hyzmatlar Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi we Içeri işler ministrligi bilen hyzmatdaşlykda synag edildi.

"Keýik Okara" we "Beýik Eýýam" jemgyýetçilik guramalarynda ýörite tälim alan sosial işgärlerden, psihologlardan, ginekologlardan we aklawçylardan ybarat topar bolup, olar zerur bolsa, şahsy maslahatlaşmalarda we wagtlaýyn ýaşaýyş ýeri bilen goldaw berýärler.

**"Keýik Okara" JG-niň aýallaryň we gyzlaryň maşgaladaky saglygy we ýagdaýy boýunça sorag-jogap gullugy:**

**Aşgabat:** +99312 – 229389, Duşenbeden Şenbä çenli 8:00 – 20:00;

**"Beýik Eýýam" JG-niň aýallaryň we gyzlaryň maşgaladaky saglygy we ýagdaýy boýunça sorag-jogap gullugy:**

**Türkmenabat:** +993422 – 32229, Duşenbeden Şenbä çenli 9:00 – 21:00; Ýekşenbe 9:00 – 18:00.



## Keýik Okara JG maşgaladaky zorluga garşy zenanlara möhüm ýeňillik berýär

Ýan ýoldaşyny ýitireninden soň, 36 ýaşly Sülgün gaýyn öýi tarapyndan ene-atasynyň ojagyna gaýdyp barmaga mejbur edildi. 11 ýaşly maýyp ogly Serdaryň hemişe ideginde bolýandygy sebäpli onuň ne oňly işi bardy, ne-de ene-atasynyň öýünde gyzgyn garşylandy. Sülgün iki otagly jaýyň balkonunda wagtlaýyn mesgen tutup, kakasynyň we beýleki maşgala agzalarynyň dartgynlylygyna we zorlugyna göz ýummaly boldy we köp wagt geçmänkä öýsüz galdy.



Bütin dünýäde her üç zenandan biri esasan ýakyn adamlary bolan ýan ýoldaşy, söýgülisi ýa-da öz kakasy tarapyndan Sülgün ýaly gender taýdan zorluga sezewar bolýar. Bu trawmatiki tejribeler aýalyň, çagalarynyň, geljek nesilleriň reproduktiw saglygyna we ýaşaýyş hiline uly zyýan berip, jemgyýete we tutuş halka düýpli täsirini ýetirýär.

Sülgün Ynanç Telefonynyň mahabatyna duşan wagty göwnüçökgündi we ony goldap biljek dosty ýa-da maşgalasy ýokdy.

"Her gün durmuşda kynçylyk çekýän aýal-gyzlardan jaňlary kabul edýäris. Biz Sülgüniň ýagdaýyna baha berip, ilki bilen psihologa ýüz tutduk" diýip, Keýik Okara Jemgyýetçilik guramasynyň Ynanç Telefonynyň geňeşçisi we jemgyýetçilik işgäri gürrüň berdi. Bu gurama Sülgün üçin hukuk hünärmeni, zähmet alyş-çalşygy, maşgala lukmany we beýleki ugurlardaky lukmanlar bilen oglunyň saglyk ýagdaýyny anyklap, bilim bölüminiň ýardamy bilen mekdebe ýerleşdirmek üçin ýüz tutdy.

Sentýabr aýy Sülgün we ogly üçin täze başlangyçlara baý, aýratyn aý boldy – Sülgün plastik önümleri gaýtadan işleýän zawodda täze işe başlady. Serdar bolsa Ahal welaýatynyň Saglygy Dikeldiş Okuw Terbiýeçilik Toplumyna ilkinji gezek mekdebe bardy. Sülgün: "Ahyrsoňy öz aýagymyň üstünde durmaga başladym" diýip, begenjini paýlaşdy. "Her dynç günleri Serdarymy mekdepden alyp, bile wagt geçirýäris. Oglum indi öňküsi ýaly dartgynly däldigimi duýup biler, mundan beýläk has gowy durmuş üçin göreşmäge güýjümiz ýetýär "diýdi.

"Iň möhüm zat, aýal-gyzlarymyzyň hukuklary, esasanam reproduktiw hukuklary barada-ky düşünjesini ýokarlandyrmalydyrys" diýip jemgyýetçilik guramanyň topary belledi. Habardarlylygyň pesligi sebäpli Türkmenistanda aýal-gyzlaryň takmynan 60 göterimi öz reproduktiw saglygy, göwreliligiň öňüni alyş serişdelerini ulanmak barada we durmuşynyň iň içki taraplary boýunça özbaşdak çözgüt edenoklar.

Ynanç Telefonyna jaň edenleriň biri hem 5 çaganyň ejesi 26 ýaşly Nurjemaldy. Çagalarynyň biriniň görüş ukyby düýbünden ýokdy. Haçanda adamsy özüni we çagalaryny terk edip gidende, ol altynjy çagasyna göwrelidi. Ýaş eje çagalary bilen jemgyýetçilik guramanyň gaçybatalga penahanasyna ýerleşdirildi we jemgyýetçilik işgäri, hukuk hünärmeni, psiholog we reproduktolog bilen şahsy duşuşyga çagyryldy.

"Durmuşda kynçylyk çekýän, islenilmeýän göwrelilikleri başdan geçirýän zenanlaryň köpüsiniň bar bolan mugt hyzmatlar hakda hiçhili habarlary ýok" diýip durmuş işgäri gürrüň berdi. "Tutuş ýurdumyz boýunça saglyk öýlerinde 95 sany reproduktiw saglyk otaglary bar. Bu ýerde saglyk we durmuş-ykdysady kynçylygy bolan aýallar göwreliligiň öňüni alyş çärelerini we ähli aýallar sagdyn maşgala gurmak üçin maşgala meýilnamalary boýunça maslahat alyp bilerler."

# Ýaşlar



**Türkmenistanda ýaşlar**
**(BMG-niň Ilat bölümi, 2019)**




Berlen ýaş toparyndaky aýallaryň/erkekleriň sany

Ilatyň ýaşy

| 0-30: | 0-24: | 10-19: | 10-24: | 15-29: |
|---|---|---|---|---|
| 55% | 46% | 17% | 24% | 25% |

## Ýaşlaryň we ýetginjekleriň kesgitlemesi

UNFPA-nyň ýaşlar strategiýasy Birleşen Milletler Guramasynyň beýlek agza döwletleriniň kesgitlemelerine zyýan ýetirmezden, statistiki maksatlar üçin BMG-niň kesgitlemesine laýyklykda ähli ýetginjekleri (10-dan 19 ýaş) we ýaşlary (15-den 24 ýaş) öz içine alýar.

Türkmenistanyň Ýaşlar syýasaty hakynda Kanuny ýaşlary 14-den 30 ýaş aralygyndaky hökmünde kesgitleýär.

Birleşen Milletler Guramasy, Ykdysadyýet we durmuş meseleleri edarasy, Ilat bölümi (2019). Dünýä ilatynyň geljegi 2019, Onlaýn neşir. Red. 1.



UNFPA ýaşlary, olaryň zehinlerini, umytlaryny, mümkinçiliklerini we özboluşly zerurlyklaryny durnukly ösüşiň merkezinde goýýar. Şeýle etmek bilen, gurama Durnukly ösüş maksatlarynyň (DÖM) we Ilat ýagdaýy we ösüşi boýunça Halkara maslahatynyň Hereket meýilnamasynyň gazananlaryny we ymtylyşlaryny goldaýar. UNFPA ýaşlara öz kararlaryny bermäge we geljegini kesgitlemäge mümkinçilik bermek üçin hökümetler, raýat jemgyýeti we beýleki dürli hyzmatdaşlar bilen iş alyp barýar. Olar, öz gezeginde, parahatçylygy, adamlary, Ýer ýüzüni we abadançylygy goldamak arkaly daştöweregindäki dünýäni emele getirip, ony kämilleşdirip bilerler. Ýaşlaryň abadançylygy we ösüşi UNFPA-nyň işjeňliginiň çägindäki maksatnamalaryň özenini düzýän mowzukdyr. Nesil saglygy, gender deňligi we Ilatyň ösüşi boýunça 2021-2025-nji ýyllar üçin 5-nji ýurt maksatnamasy – UNFPA deňeşdirme artykmaçlyklaryndan peýdalanyp, ilatyň ösüş depgini, adam hukuklary we gender deňligi mynasybetli ýaşlaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini giňeltmek üçin syýasy meseleler , şeýle hem ilata ýurdunyň ösüşine goşandyny goşmaga mümkinçilik berýän şertleri döretmek boýunça tehniki goldawyny we maslahatlaryny bermegini dowam eder

## Ýaşlar syýasaty hakynda täze döwlet kanunynyň çäginde

UNFPA ýaşlaryň gatnaşmagy üçin innowasion platformalary döretmekde we ýaşlar bilen bagly statistika we DÖM ölçeg ulgamlaryny güýçlendirmekde Hökümete goldaw berýär. Hyzmatdaşlyk, şeýle hem, erkekleriň we oglanlaryň gender deňligini we jemgyýetdäki oňyn sosial kadalary ösdürmäge gatnaşygyny ilerletmäge gönükdirilendir.

UNFPA-nyň bilim ulgamyna berýän goldawy, nesil saglygynyň, gender deňliginiň hilini gowulandyrma we «Ýaşaýyş-durmuş esaslar» dersiniň üsti bilen okuw kadalaryny we ülňülerini kabul etmek, şeýle hem pedogogiki binýady giňeltmek arkaly durmuş endiklerini öwretmäge ýöriteleşendir.

## UNFPA ýetginjekleriň we ýaşlaryň zerurlyklaryny ileri tutýan saglygy goraýyş ulgamyndaky syýasaty we maksatnamalaryny goldaýar.

UNFPA-nyň ýurt maksatnamasy ilatyň yzagalak toparlaryna, şol sanda oba ýerlerindäki gyzlara, garyp maşgalalara, mümkinçiligi çäkli ýetginjek oglangyzlara we ýaşlara aýratyn üns berer.

## ESASY HYZMATDAŞLAR

**Milli hyzmatdaşlar:** Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrligi, Türkmenistanyň Milli Geňeşi (Mejlis), Türkmenistanyň Bilim ministrligi, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti, Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa instituty, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasy, Türkmenistanyň Zenanlar birleşigi, jemgyýetçilik guramalary, ýokary okuw mekdepleri we akademiýalar, habar beriş serişdeleri we beýleki ugurdaş edaralar.

**Beýleki hyzmatdaşlar:** Beýik Britaniýanyň Hökümeti, Hytaý Halk Respublikasynyň Hökümeti, Adam howpsuzlygy ynam gaznasy, Ýewropa Bileleşigi.

**BMG hyzmatdaşlary:** UNICEF, BMG-niň Neşe serişdeleri we jenaýatçylyk baradaky Müdirligi, BMG-nyň Migrasiýa boýunça agentligi, Birleşen Milletler Guramasynyň Adam hukuklary boýunça Ýokary komissarynyň edarasy, BMG-niň Ösüş Maksatnamasy we beýleki agentlikler

## Pandemiýa wehimine garşy herekete ýaşlary çekmek we olaryň mümkinçiliklerini giňeltmek

Birleşen Milletler Guramasy we Türkmenistanyň Hökümeti BMGniň Adam howpsuzlygy Gaznasy tarapyndan maliýeleşdirilýän 2021-2022-nji ýyllar üçin "Bütindünýä pandemiýa bilen baglanyşykly köpdürli töwekgelçilikleri we howplary azaltmak üçin habarlylygy ýokarlandyrmak we bu işe ýaşlary çekmek" atly bilelikdäki maksatnamany işe girizdi.

UNFPA-nyň ýolbaşçylygyndaky Bilelikdäki maksatnama, aşakda görkezilen çemeleşmäni ulanyp, çylşyrymly döwürde meýilnamalaşdyrmak üçin adam howpsuzlygyny utgaşdyrar we "hiç kimi yzda galdyrmazlyk" ýörelgesine laýyklykda iň ejiz
adamlara üns berer. Bu maksatnama ýerli derejede döwlet gullukçylarynyň adamzat howpsuzlygy çemeleşmesinden ugur alan jemgyýetlerde Türkmenistan üçin ýiti ýokanç kesellere garşy orta sosialykdysady jogap meýilnamasyny durmuşa geçirmek üçin ýerli derejedäki mümkinçiliklerini artdyrmagy maksat edinýär.

Bu maksatnama ýerli derejede döwlet gullukçylarynyň adamzat howpsuzlygy çemeleşmesinden ugur alan jemgyýetlerde Türkmenistan üçin ýiti ýokanç kesellere garşy orta sosialykdysady jogap meýilnamasyny durmuşa geçirmek üçin ýerli derejedäki mümkinçiliklerini artdyrmagy maksat edinýär. Mundan başga-da, maksatnama Lebap we Daşoguz welaýatlaryndaky ýaşlaryň durnuklylygyny artdyrmaga we olary öz jemgyýetlerinde üýtgeşmeleriň wekili etmegi maksat edinýär. Ýaşlar ilat toparlarynyň, aýratyn hem howp toparyndaky ýaşlaryň we garry adamlaryň ýagdaýyny gowulandyrmaga gönükdirilen jemgyýetçilik başlangyçlary arkaly ýerli jemagatlary bilen özara gatnaşyk etmäge mümkinçilik alarlar.

UNFPA, BMG-niň Ilat gaznasy we Türkmenistanyň sport we ýaşlar syýasaty ministrligi maksatnamanyň esasy ýolbaşçy düzümleri. Maksatnama Daşary işler ministrligi tarapyndan hemde UNICEF, BMG-niň Migrasiýa boýunça agentligi, BMG NJG we Zähmet we ilaty durmuş taýdan gooramak ministrligi, Içeri işler ministrligi, Bilim ministrligi, Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi, Döwlet, hukuk we demokratiýa instituty, Adalatçynyň edarasy, jemgyýetçilik edaralary we jemgyýetçilik bilen iş alyp barýan beýleki edaralar tarapyndan utgaşdyrylýar.

**UNFPA türkmen ýaşlary üçin nesil saglygy we gender deňligi hakynda ygtybarly maglumatlary habar berýär**

**Ýaşlyk!**

Makalalar, testler we bedeniň ösüşi, saglyk we özara gatnaşyklar barada maslahatlar.
**Sagdyn bol. Habarly bol.**

yashlyk.info

- Gyzlar üçin
- Mugallymlar üçin
- Oglanlar üçin
- COVID-19
- Ata-eneler üçin



Erkekler oňyn gender kadalaryny diňe bir gündelik durmuşda däl eýsem sosiýal mediada hem öňe sürmeli.

Gender deňligi hemmeler üçin bähbitli.

**Batyr Berdiyew, žurnalist.**



## #DürliEmmaDeň kampaniýasy ýaşlaryň arasynda Hukuk, Deňlik, Inklýuziýany öňe sürýär.

UNFPA Türkmenistanyň "Biz dürli. Biz deň" sanly kampaniýasy 2021-nji ýylyň noýabr aýyndan başlap, jemgyýetde gender deňligi, reproduktiw hukuklary ugrundaky Hukuk, Deňlik, Inklýuziýa meselelerini ýaş aktiwistler, Instagramyň täsirli şahsyýetleri we Olimpiýa oýunlarynyň kümüş medalynyň eýesi Polina Guryýewa bilen bilelikde ara alyp maslahatlaşmagy öz içine alýar.

Kampaniýa ýaşlary jynsyna, ýaşyna, sebitine, ukybyna, maýyplygyna, aslyna ýa-da durmuş saýlawlaryna garamazdan, deň-duşlaryň arasynda sabyrlylygy, inklýuziýany we hormaty berkitmäge işjeň gatnaşmaga çagyrdy; çünki biziň ählimiz ynsan we ählimiz deňdiris.

#DiverseButEqual kampaniýasy, şeýle hem #DürliEmmaDeň häştägi bilen ýaşlaryň arasynda oňyn sosial kadalaryny we gender taýdan duýgur gatnaşygy öňe sürmek üçin Sosial Media Hereketine başlady. Birnäçe aýyň dowamynda UNFPA hyzmatdaşlary jemläp, bilelikde ýaşlaryň ylham beriji hekaýalaryny, animasiýalary we ýaşlarymyzyň arasynda hukuk esasly gatnaşyk baradaky ýazgylary paýlaşdy.

Kampaniýaň çäginde mundan başga-da Hukuk, Deňlik we Inklýuziýa meselelerini hünärmenler we ýaşlar arasynda has güýçli, inklýuziw we deň jemgyýeti ýaýbaňlandyrmak üçin mümkinçilikleri ara alyp maslahatlaşýan ýaşlar söhbetdeşlik tapgyrlary geçirildi.

# Ilat dinamikasy




Türkmenistandaky ilat dinamikasynyň görkezijileri




Belli bir ýaş toparyndaky zenanlaryň / erkekleriň sany
Ilat sany müňler bilen görkezilen

*Birleşen Milletler Guramasy, Ykdysady we Durmuş Işleri Bölümi, Ilat bölümi (2019). Dünýä ilatynyň geljegi 2019, onlaýn neşir. Red. 1.*



Ilatyň sanyny, düzümini we bölünişini kesgitlemek üçin ýokary hilli, wagtynda we dezagregirlenen ilat maglumatlaryny ýygnamak, seljermek we ýaýratmak ösüş işlerini meýilleşdirmek üçin möhümdir we düşünip karar bermek üçin hem ähmiýetlidir.

Dünýä ilatynyň 1 milliard köpelmegi üçin ýüzlerçe müň ýyl gerek boldy, soň bolsa 200 ýyldan gowrak wagtyň içinde ýedi esse artdy. 2011-nji ýylda dünýä ilaty 7 milliarda ýetdi, 2021-nji ýylda bolsa takmynan 7,8 milliard boldy.

Bäş ýyllyk Ýurt Maksatnamasynyň (2021-2025) çäginde UNFPA ilat barada maglumatlaryny öz içine almak bilen ýokary hilli dezagregirlenen maglumatlara esaslanýan dolandyryş özgertmelerine, üns merkezi adamlara gönükdirilen syýasatlara we hyzmatlara maýa goýumlary goldaýar.

Döwlet statistika komitetiniň utgaşdyrmagynda esasy döwlet ministrliklerine we edaralaryna, döwlet maksatnamalarynyň ileri tutulýan ugurlaryna hem-de Ilat we ösüş gün tertibi boýunça halkara maslahaty bilen baglanyşykly Durnukly ösüş maksatlaryna gözegçilik etmekdäki kemçiliklere jogap berýän, dezagerlinenen ilat maglumatlaryny ýygnamak we seljermek üçin halkara usulyýetleri we ulgamlary ornaşdyrmakda goldaw berler.

Tehniki maslahat beriş goldawynyň çäginde UNFPA Türkmenistan hökümetine 2022-nji ýyldaky ilatyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwyny geçirmekde, raýat hasaba alnyşyny we möhüm statistika ulgamyny kämilleşdirmekde, durnukly ösüş maksatlarynyň ösüşini ölçemek we subutnamalar üpjün etmek üçin hökümetiň möhüm ösüş maksatnamalary we başlangyçlary üçin, hiç kimi ýatdan çykarmazlygy üpjün edip ilatyň iň ejiz toparlary, şol sanda mümkinçiligi çäkli adamlar barada maglumat bermek üçin tematiki gözlegleri geçirmek arkaly maglumatlary ýygnamaga, gaýtadan işlemäge we derňemäge kömek eder.

UNFPA-nyň hökümet bilen hyzmatdaşlygy, döwlet işgärleriniň we syýasatlary düzüjileriň demografiki tendensiýalara ünsi jemlemek bilen, karar kabul etmek üçin häzirki zaman maglumatlaryny seljermek usullaryny ulanmakda mümkinçiliklerini ösdürmäge gönükdiriler.

Demografiýa boýunça bilim, UNFPA-nyň Hökümet bilen hyzmatdaşlygyň merkezinde bolup ilat çaklamalary, maglumatlary seljermek we durmuş-ykdysady meýilnamalaşdyryş babatynda milli potensialy artdyrar.

## ESASY HYZMATDAŞLAR

**Milli hyzmatdaşlar:** Türkmenistanyň Döwlet statistika komiteti, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasy we beýleki dahylly taraplar.

**Beýleki hyzmatdaşlar:** Russiýa Federasiýasynyň hökümeti

## 2022-2032-nji ýyllarda Ýewropada we Merkezi Aziýada demografiki durnuklylyk boýunça hereketleriň onýyllygy

Ýewropanyň we Merkezi Aziýanyň ýokary derejeli hökümet wekilleri, pikirleri öňe sürüji liderleri we bilermenleri 2021-nji ýylyň 20-nji dekabrynda Bolgariýanyň Sofiýa şäherinde Demografiki durnuklylyk boýunça ministrler maslahatynda 2021-2032-nji ýyllarda Demografiki durnuklylyk onýyllygyny başlatdylar.

Ministrler maslahatynda çalt demografiki üýtgeşmeler dünýäsinde jemgyýetleriň gülläp ösmeginiň ýollary ara alnyp maslahatlaşyldy we ilatyň garramagy, önelgelilik, gender deňligi we maşgala syýasaty, ýaşlaryň islegleri, oba ýerlerini janlandyrmak we jemgyýet baradaky syýasatlary maliýeleşdirmek ýaly meselelere hem-de demografiýa bilen demokratiýanyň arasyndaky baglanyşyklara garaldy.

Ýewropa we Merkezi Aziýa sebitindäki hökümetler demografiki üýtgeşmeleri çözmegiň ileri tutulýan ugurdygyny ykrar edýärler. Gündogar Ýewropanyň we Merkezi Aziýanyň köp hökümetleri demografiki üýtgeşmeleriň ykdysadyýete we sosial üpjünçilik ulgamlarynyň durnuklylygyna, ilatyň gürlüginiň pes bolan ýa-da azalýan sebitlerde möhüm infrastruktura we hyzmatlara nähili täsir etjekdigi barada alada edýärler. Demografiki durnuklylyk, demografiki üýtgeşmeleri çaklamagy, olaryň täsirlerine düşünmegi we subutnamalara hem-de adam hukuklaryna esaslanýan jogap bermek syýasatlaryny işläp düzmek ukybyny öz içine alýan ymtylyşdyr. Bu, ilat sanyna gönükdirilen dar gözýetimli çemeleşmelerden daşlaşyp, ilatyň köpelmegine, hemmeleriň abadançylygyny we eşretli ýaşamagyny üpjün etmäge gönükdirilen jemgyýetçilik syýasatlaryna geçmegi aňladýar. Şeýle hem, bu maslahat tejribe alyşmak we dellallyk syýasaty boýunça maslahat hem-de sebitdäki demografiki durnuklylygy güýçlendirmek boýunça tehniki kömek bermek üçin agza döwlet tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän Sofiýa bileleşigini döretdi. Bu bileleşigiň çäginde ÝUNFPA sebitdäki hökümetlere, şol sanda Türkmenistana başdan geçirýän ilatynyň dinamikasyna düşünmek we ony çaklamak ukybyny güýçlendirmek arkaly goldaw berer hem-de olary dolandyrmak üçin degişli başarnyklara, gurallara, syýasy erke we jemgyýetçilik goldawyna eýe bolmaklaryny üpjün eder.

Şeýlelik bilen, ýurtlar şahsyýetler, jemgyýetler, ykdysadyýetler we daşky gurşaw üçin bolup biljek ýaramaz täsirleri azaldyp, adamlar, abadançylyk we planetanyň demografiki üýtgemegi bilen baglanyşykly mümkinçiliklerden peýdalanyp bilerler.

**Goşmaça maglumat üçin:**
https://eeca.unfpa.org/ru/shaping-europes-demographic-future

**UNFPA 2022-nji ýyldaky Ilatyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwyny geçirmekde Hökümeti goldaýar**






### Ilatyň ýazuwy näme üçin gerek?

*Biz nähili dünýäde ýaşamak isleýäris? Bize ösüş üçin näme gerek? Gelejekde hemmelere ýeter ýaly näçe sany ýaşaýyş jaýlary we mekdepleri eýýäm şu gün göz öňüne tutmaly?*

**Şu soraglaryň ählisine 2022-nji ýylda geçiriljek ilatyň we ýaşaýyş jaý gorunyň ýazuwy jogap berer.**

- *Çagalar baglarynyň we mekdepleriň gurluşygy*
- *Saglyk öýleriniň, Ene mähri merkezleriniň, hassahanalaryň gurluşygy*
- *Elektrik we gaz stansiýalarynyň gurluşygy*
- *Gara ýollaryň, demir ýollaryň, we köprileriň gurluşygy*
- *Ykdysady we durmuş syýasaty ugurlarynda degişli kararlary kabul etmek üçin ilatyň ýerleşişi we jaý we öý hojalyklaryň aýratynlyklary barada maglumat üpjün etmek*

*Dezagregirlenen maglumatlar DÖM görkezijileriniň köpüsi üçin çeşme bolup durýar. Şu maglumatlaryň esasynda hökümet eýýam şu günden başlap geljekki birnäçe ýyllar üçin býujet serişdelerini meýilleşdirýär*



## Taryhda sanalman galanlara el uzatmak

Milli ilat ýazuwy hökümetiň iň möhüm wezipelerinden biri hasaplanyp, 2030-njy ýyla çenli Durnukly Ösüş Maksatlaryna ýetmek üçin wajyp gural hökmünde her 10 ýylda bir gezek geçirilýär. Ilat ýazuwyndaky maglumatlar deňsizliklere, raýatyň saglygyna we ösüş zerurlyklaryna, mekdeplerden başlap saglygy goraýyş ulgamyna çenli ähli zada nirede ýa-da nädip maýa goýmalydygyna düşünmek üçin möhümdir.

Muňa garamazdan, ilat ýazuwy gymmat bolup, ol köp wagty we işçi güýjüni talap etmek bilen parahatçylyk döwründe iň çylşyrymly işlerden biridir. UNFPA ilat ýazuwynyň ýokary hilli bolmagyny üpjün etmek, halkara ýörelgelerini we ülňülerini goldamak, giňden ýaýran ösüş maksatly ulanylýan maglumatlary öndürmek üçin tehniki we maliýe goldawyny berýän esasy edaradyr.

UNFPA-nyň Türkmenistandaky şahamçasynyň başlygy Aýna Seýitliýewa: "Durnukly Ösüş 2030-njy ýyl üçin Gün Tertibini kabul etmek arkaly halkara jemgyýeti Durnukly Ösüş Maksatlaryny durmuşa geçirmekde hiç kimiň ýzda galmajakdygyna söz berdi" diýip belledi. "Hökümetiň maýyplyk baradaky soraglaryny ilat ýazuwyna goşmak baradaky kararyny goldaýarys. Bu bolsa, taryhda gözden salynanlara el uzatmak üçin has aýdyň ýollara ugrukdyrmaga mümkinçilik berer."

# Esasy görkezijiler Türkmenistan




## ILAT DINAMIKASY

### Ilat dinamikasynyň görkezijisi 2020-2100
(ilat müňlük sanlarda)

Ilat Gurluşy, 2020




Ilat Gurluşy, 2050




Ilat Gurluşy, 2075




Ilat Gurluşy, 2100




Birleşen Milletler Guramasy, Ykdysady we Durmuş Işleri Bölümi, Ilat bölümi (2019). Dünýä ilatynyň geljegi 2019, onlaýn neşir. Red. 1.



## ENÄNIŇ SAGLYGY

### Enäniň aradan çykmagy boýunça görkezijiler (MMR)




Enäniň aradan çykmagynyň 2000-nji ýyldan 2017-nji ýyla çenli görkezijileri: BSGG, ÝUNISEF, ÝUNFPA, Bütindünýä bankynyň topary we Birleşen Milletler Guramasynyň Ilat bölümi. Ženewa: Bütindünýä saglyk guramasy; 2019.

### Başarnykly hünärmenler tarapyndan gatnaşylan çaga dogrumlary,%




Türkmenistanyň Döwlet statistika komiteti we ÝUNISEF. 2020. 2019 Türkmenistan köp görkezijili toparlaýyn gözleg (MICS 2019). Sowalnamanyň netijeleriniň hasabaty. Aşgabat, Türkmenistan: Türkmenistanyň Döwlet statistika komiteti we ÝUNISEF.

# REPRODUKTIW SAGLYGY

2016 **22**
2019 **28**
zenan basysyna Jemi önelgelik derejesi

2016
2019

2016 **3.0**
2019 **3.2**
zenan, 15-19 Ýetginjek önelgelik görkezijisi

2016
2019

## Jemi önelgelik görkezijisi, welaýatlar boýunça




## Ýetginjeklerde dogluş görkezijisi, welaýatlar boýunça




## Maşgalany meýilleşdirmek görkezijisi

(15-49 ýaş aralygy zenanlar, durmuşa çykan ýa-da ylalaşyk boýunça ýaşaýan)




## Maşgalany meýilleşdirmek serişdelerini ulanmak (döwrebap usul), ýaş boýunça

(15-49 ýaş aralygy zenanlar, nikada ýa-da ylalaşyk boýunça ýaşaýan)




## Maşgalany meýilleşdirmek serişdelerini ulanmak (döwrebap usul), bilimi boýunça

(15-49 ýaş aralygy zenanlar, nikada ýa-da ylalaşyk boýunça ýaşaýan)




## Maşgalany meýilleşdirmek ulanmak (döwrebap usul, maddy ýagdaýy boýunça

(15-49 ýaş aralygy zenanlar, nikada ýa-da ylalaşyk boýunça ýaşaýan)




## Maşgalany meýilleşdirmek serişdelerini ulanmak (döwrebap usul), welaýatlar boýunça

(15-49 ýaş aralygy zenanlar, nikada ýa-da ylalaşyk boýunça ýaşaýan)




## Maşgala meýilleşdirilişine bolan islegiň kanagatlananadyrylmadyk göterimi, %

(15-49 ýaş aralygy zenanlar)



## Maşgala meýilleşdirilişine bolan islegiň kanagatlanmadyrylmadyk göterimi, % - welaýatlar boýunça

(15-49 ýaş aralygy zenanlar)




## Maşgala meýilleşdirilişine bolan islegiň kanagatlanmadyrylmadyk göterimi, % - bilim boýunça




## Maşgala meýilleşdirilişine bolan islegiň kanagatlanmadyrylmadyk göterimi, % - maddy ýagdaýy boýunça

(women, 15-49)




## Maşgala meýilleşdirilişine bolan islegiň kanagatlanmadyrylmadyk göterimi, % - ýaş boýunça

(women, 15-49)




Türkmenistanyň Döwlet statistika komiteti we ÝUNISEF 2020. 2019 Türkmenistan köp görkezijili toparlaýyn gözleg (MICS 2019). Sowalnamanyň netijeleriniň hasabaty. Aşgabat, Türkmenistan: Türkmenistanyň Döwlet statistika komiteti we ÝUNISEF.



# ÝAŞLAR

Türkmenistanyň Döwlet statistika komiteti we ÝUNISEF 2020. 2019 Türkmenistan köp görkezijili toparlaýyn gözleg (MICS 2019). Sowalnamanyň netijeleriniň hasabaty. Aşgabat, Türkmenistan: Türkmenistanyň Döwlet statistika komiteti we ÝUNISEF.

## Türkmenistandaky ýaşlar (BMG-niň Ilat bölünişigi, 2019)




## AIW ýokuş ýollary barada giňişleýin düşünje

(15-49 ýaş aralygy zenanlar)




## AIW ýokuş ýollary barada giňişleýin düşünje – ýaş boýunça

(zenan, 15-49)




## 18 ýaşdan irki nikalar, %

(nikada ýa-da ýlalaşyk boýunça ýaşaýar)



### AIW ýokuş ýollary barada giňişleýin düşünje – bilimi boýunça
(zenan, 15-49)




### AIW ýokuş ýollary barada giňişleýin düşünje – maddy ýagdaýy boýunça
(zenan, 15-49)




# GENDER DEŇLIGI

### Jynsy gatnaşyklar, göwreliligiň öňüni alyş serişdelerini ulanmak we köpeliş saglygy barada özleri karar berýän aýallar, %











### Jynsy gatnaşyklar, kontrasepsiýa serişdelerini ulanmak we reproduktiw saglygy barada




### Jynsy gatnaşyklar, kontrasepsiýa serişdelerini ulanmak we reproduktiw saglygy barada özleri karara gelýän zenanlar, , % - welaýatlar boýunça




### Jynsy gatnaşyklar, kontrasepsiýa serişdelerini ulanmak we reproduktiw saglygy barada özleri karara gelýän zenanlar, % - bilimi boýunça



## Jynsy gatnaşyklar, kontrasepsiýa serişdelerini ulanmak we reproduktiw saglygy barada özleri karara gelýän zenanlar, % - maddy ýagdaýy boýunça




## Maşgala zorlugyna bolan garaýyş (ýanýoldaşy zenana el galdyrmaga hakly hasaplaýarlar) %

( 15-49 ýaş aralygyndaky zenanlar)




## Maşgala zorlugyna bolan garaýyş, % - maddy ýagdaýy boýunça

( 15-49 ýaş aralygyndaky zenanlar)




## Maşgala zorlugyna bolan garaýyş, % - ýaşy boýunça

( 15-49 ýaş aralygyndaky zenanlar)




## Maşgala zorlugyna bolan garaýyş, % - welaýatlar boýunça

( 15-49 ýaş aralygyndaky zenanlar)




## Maşgala zorlugyna bolan garaýyş, % bilimi boýunça

(15-49 ýaş aralygyndaky zenanlar)




## Çagalar bilen dört ýa-da ondan köp peýdaly çäreleri bilen meşgullanýan kakalar, %



## Çagalar bilen dört ýa-da ondan köp peýdaly çäreleri bilen meşgullanýan kakalar, % - maddy ýagdaýy boýunça




## Çagalar bilen dört ýa-da ondan köp peýdaly çäreleri bilen meşgullanýan kakalar, % - bilimi boýunça




## Çagalar bilen dört ýa-da ondan köp peýdaly çäreleri bilen meşgullanýan kakalar, % - şäher we oba boýunça




## Çagalar bilen dört ýa-da ondan köp peýdaly çäreleri bilen meşgullanýan kakalar, % - welaýatlar boýunça




Türkmenistanyň Döwlet statistika komiteti we ÝUNISEF 2020. 2019 Türkmenistan köp görkezijili toparlaýyn gözleg (MICS 2019). Sowalnamanyň netijeleriniň hasabaty. Aşgabat, Türkmenistan: Türkmenistanyň Döwlet statistika komiteti we ÝUNISEF.

**UNFPA, Birleşen Milletler Guramasynyň Ilat gaznasy**
21, Arçabil ş., Aşgabat, Türkmenistan 744036
e-mail: **turkmenistan@unfpa.org**

**facebook:** unfpatkm
**twitter:** unfpatm
**instagram:** unfpa_turkmenistan
**imo: +993 62 833158**

**www.turkmenistan.unfpa.org**
**www.yashlyk.info**